Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň
2023-nji ýylyň 20-nji noýabrynda çykaran 110/1-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsady almagyň Tertibini tassyklamak hakynda»**

2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen "Ozon gatlagyny goramak hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasynyň ýedinji bölegine laýyklykda, **buýurýaryn:**

1. Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsady almagyň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň orunbasary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň
2023-nji ýylyň 20-nji noýabrynda
çykaran 110/1-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklandy

## Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsady almagyň tertibi

### I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsady almagyň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen "Ozon gatlagyny goramak hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasynyň ýedinji böleginiň hem-de 1985-nji ýylyň 22-nji martynda kabul edilen Ozon gatlagyny goramak hakyndaky Wena konwensiýasynyň (mundan beýläk –Wena konwensiýasy) we 1987-nji ýylyň 16-njy sentýabryndaky Ozon gatlagyny dargadyjy maddalar hakyndaky Monreal teswirnamasynyň (mundan beýläk - Monreal teswirnamasy) talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen taýýarlanyldy.

2. Şu Tertibiň maksatlary üçin şu aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

1) ozon gatlagy – atmosfera ozonynyň günüň biologik taýdan howply ultramelewşe şöhlesini özüne siňdirýän, stratosferada ýerleşen gatlagy;

2) ozon dargadyjy madda – Wena konwensiýasynyň 1-nji goşundysynda we Monreal teswirnamasynyň A, B, C, E goşundylaryndaky maddalaryň sanawynda görkezilen, özbaşdak ýa-da garyndyda bolan islendik himiki madda;

3) ozon dargadyjy maddalaryň eksporty ýa-da importy - Wena konwensiýasynyň 1-nji goşundysyndaky we Monreal teswirnamasynyň A, B, C, E goşundylaryndaky maddalaryň sanawynda görkezilen himiki maddalaryň Türkmenistana getirilmegi we Türkmenistandan alnyp gidilmegi;

4) ygtyýarly edara - Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi;

5) ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsat - eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan telekeçi ýuridik şahslar (mundan beýläk - telekeçi ýuridik şahslar), şeýle hem ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar - hususy telekeçileriň (mundan beýläk – hususy telekeçiler) ozon dargadyjy maddalary we ozon dargadyjy maddalary saklaýan önümleri (mundan beýläk – ozon dargadyjy maddalar) eksport ýa-da import etmäge ygtyýarnamasy bolan mahalynda, olara bu maddalary eksport we import etmek üçin Ygtyýarly edara tarapyndan berilýän bir gezeklik rugsat.

3. Telekeçi ýuridik şahslara we hususy telekeçilere ozon dargadyjy maddalary eksport ýa-da import etmek bilen meşgullanmaga olarda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ozon dargadyjy maddalaryň eksporty we importy bilen baglanyşykly işi amala aşyrmaga ygtyýarnamasy we ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsat (mundan beýläk – Bir gezeklik rugsat, şu Tertibe 1-nji goşundy) bolan mahalynda ýol berilýär.

4. Monreal teswirnamasynyň taraplary bolup durmaýan döwletlere we şeýle döwletlerden ozon dargadyjy maddalary eksport we import etmek üçin ygtyýarnamalaryň we Bir gezeklik rugsatlaryň berilmegine ýol berilmeýär. Şeýle hem, Monreal teswirnamasynyň A, B we C goşundylaryna girizilen maddalarynyň önümleriniň we enjamlarynyň eksporty we importy gadagan edilýär.

5. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2021-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda 1519 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Türkmenistanda ulanylmagy çäklendirilen ýa-da gadagan edilen ozon dargadyjy maddalaryň Sanawyny tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministriniň 2021-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda çykaran 450-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanda ulanylmagy çäklendirilen ýa-da gadagan edilen ozon dargadyjy maddalaryň sanawyna (mundan beýläk - Türkmenistanda ulanylmagy çäklendirilen ýa-da gadagan edilen ozon dargadyjy maddalaryň sanawy) goşulan ozon dargadyjy maddalar raýatlaryň getirýän şahsy emlägi bolsa we onuň mukdary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ölçeglerden ýokary geçmese, şol ozon dargadyjy maddalary eksport we import etmek üçin ygtyýarnama we Bir gezeklik rugsat talap edilmeýär.

6. Her ýylyň başynda (ýanwar aýynyň 31-ne çenli) «Türkmenhimiýa» döwlet konserni ozon dargadyjy maddalaryň eksporty ýa-da importy hakyndaky hasabatlaryny, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bolsa bu baradaky administratiw maglumatlaryny Ygtyýarly edara bermelidirler.

7. Ygtyýarly edaranyň ýüz tutmasy boýunça Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy ozon dargadyjy maddalaryň we olary özünde saklaýan önümleriň eksporty, importy barada, ol maddalary (önümleri) eksport hem-de import edijileriň maglumatlaryny hem goşmak bilen jemlenen maglumatlary berýär.

8. Ygtyýarly edara her ýyl ozon dargadyjy maddalary öz düzüminde saklaýan önümi hem goşmak bilen, eksport we import edilen ozon dargadyjy maddalaryň görnüşleri we mukdary hakyndaky maglumatlary jemleýär we Monreal teswirnamasynyň Ozon sekretariatyna we Köptaraply gaznasyna hasabat berýär.

9. Telekeçi ýuridik şahslar we hususy telekeçiler ozon dargadyjy maddalaryň eksporty ýa-da importy amala aşyrylanda şu aşakdakylara borçludyrlar:

1) önümiň ýüzüne “Ozon üçin zyýanly” diýen ýazgyny ýazmaga we içinde ozon dargadyjy maddalar ýa-da ozon dargadyjy maddalary saklaýan önüm saklanýan ýa-da daşalýan gabyny şoňa meňzeş ýazgy bilen düşnükli belgilemäge;

2) olaryň howpsuz saklanylmagyny we daşalmagyny üpjün etmäge;

3) harydyň ýanyndaky resminamalarda, önümde saklanýan ozon dargadyjy maddalary hem goşmak bilen, ozon dargadyjy maddalaryň adyny we mukdaryny görkezmäge.

## II bap. Bir gezeklik rugsady almak üçin zerur resminamalar we oňa seretmegiň tertibi

10. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ozon dargadyjy maddalaryň eksport ýa-da importy bilen baglanyşykly iş bilen meşgullanmaga ygtyýarnamasy bolan, telekeçi ýuridik şahslar we hususy telekeçiler (mundan beýläk bilelikde – ýüz tutujy) Bir gezeklik rugsady almak üçin Ygtyýarly edara Ozon dargadyjy maddalary eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsady almak üçin arza (mundan beýläk - Arza, şu Tertibe 2-nji goşundy) bilen resmi ýüz tutýarlar we arzasynyň ýany bilen şu aşakdaky resminamalary tabşyrýarlar:

1) telekeçi ýuridik şahslar üçin:

a) döwlet tarapyndan bellige almak baradaky şahadatnamanyň nusgasy;

b) Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäniň nusgasy;

ç) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, ozon dargadyjy maddalaryň eksporty ýa-da importy bilen baglanyşykly işi amala aşyrmaga berlen ygtyýarnamanyň nusgasy;

d) ozon dargadyjy maddalaryň eksporty ýa-da importy baradaky şertnamanyň nusgasy (inwoýs we beýlekiler);

e) eksport ýa-da import ediljek ozon dargadyjy madda berlen laýyklyk sertifikatynyň nusgasy;

ä) eksport ýa-da import edilýän ozon dargadyjy maddalaryň sanawy;

2) hususy telekeçiler üçin:

a) şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň nusgasy;

b) hususy telekeçi hökmünde döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy;

ç) salgyt hasabyna goýlandygy hakynda şahadatnamanyň nusgasy;

d) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, ozon dargadyjy maddalaryň eksporty ýa-da importy bilen baglanyşykly işi amala aşyrmaga berlen ygtyýarnamanyň nusgasy;

e) eksport ýa-da import ediljek ozon dargadyjy madda berlen laýyklyk sertifikatynyň nusgasy;

ä) eksport ýa-da import edilýän ozon dargadyjy maddalaryň sanawy.

11. Arza we onuň ýanyna goşulan resminamalar Ygtyýarly edaranyň işgäri tarapyndan kabul edilýär we arzanyň bir nusgasy arzanyň we resminamalaryň kabul edilen wagty görkezilip, gol çekilip, ýüz tutuja berilýär. Arza goşulan resminamalaryň dogrudygyna ýüz tutujy jogapkärçilik çekýär.

12. Ygtyýarly edara ýüz tutujynyň beren Arzasyna, onuň berlen gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamyndan seredýär we Bir gezeklik rugsady bermek ýa-da Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek barada çözgüt çykarýar.

13.Ýüz tutujynyň arzasynyň ýanyna goşulan resminamalar boýunça goşmaça maglumatlary anyklamak zerurlygy ýüze çykan mahalynda, arza seretmegiň möhleti 20 (ýigrimi) iş gününe çenli uzaldylyp bilner.

14. Ýüz tutujynyň arzasy boýunça oňyn çözgüt kabul edilen gününden başlap, Ygtyýarly edara 3 (üç) iş gününiň dowamynda oňa hat üsti bilen resmi habar berýär. Bir gezeklik rugsat berlen ýylynyň ahyryna çenli möhlet bilen berilýär. Bir gezeklik rugsat Ygtyýarly edara tarapyndan resmileşdirilýär.

15. Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermäge şu aşakdakylar esas bolup bilýär:

1) ýüz tutujynyň Bir gezeklik rugsady almak üçin beren resminamalary doly bolmadyk mahalynda;

2) ýüz tutujynyň resminamalary şu Tertibiň onunjy böleginiň talaplaryna gabat gelmedik ýagdaýynda;

3) ýüz tutujynyň bir gezeklik rugsady almak üçin beren resminamalaryndaky maglumatyň takyk däldigi ýa-da ýoýulandygy.

16. Ýüz tutuja Bir gezeklik rugsadyň berilmeginden ýüz dönderilen ýagdaýynda, oňa 3 (üç) iş gününiň dowamynda bu barada hat üsti bilen resmi habar berilýär we ýüz döndermegiň sebäpleri düşündirilýär. Ýüz tutujy görkezilen kemçilikleri düzedip, resminamalaryny gaýtadan tabşyryp bilýär.

17. Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz dönderilmegine 2017-nji ýylyň 3-nji iýunynda kabul edilen "Administratiw önümçiligi hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda şikaýat edilip bilner.

18. Ygtyýarly edara ozon dargadyjy maddalaryň Ozon dargadyjy maddalary eksportyna ýa-da importyna berlen bir gezeklik rugsatlary hasaba alyş kitabyny (şu Tertibe 3-nji goşundy) ýöredýär.

19. Ozon dargadyjy maddalary eksportyna ýa-da importyna berlen bir gezeklik rugsatlary hasaba alyş kitabynda şu maglumatlar görkezilýär:

1) Bir gezeklik rugsadyň berlen senesi;

2) Bir gezeklik rugsady alan şahsyň doly ady;

3) Bir gezeklik rugsady alan şahsyň salgysy;

4) Bir gezeklik rugsadyň belgisi;

5) Bir gezeklik rugsady bermek üçin esas;

6) Bir gezeklik rugsadyň hereket ediş möhleti;

7) Bir gezeklik rugsady alan şahsyň goly.

20. Ygtyýarly edara Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgütleri hasaba alyş kitabyny (şu Tertibe 4-nji goşundy) hem ýöredýär.

21. Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgütleri hasaba almagyň kitabynda şu maglumatlar görkezilýär:

1) Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň berlen senesi;

2) Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň doly ady;

3) Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň salgysy;

4) Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň belgisi;

5) Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň esasy;

6) Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň goly.

22. Ygtyýarly edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugy esasynda ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna berlen bir gezeklik rugsatlary hasaba alyş kitabyny we ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgütleri hasaba alyş kitabyny ýöredýän jogapkär hünärmen bellenilýär.

23. Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna berlen Bir gezeklik rugsatlary hasaba alyş kitabynyň we ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgütleri hasaba alyş kitabynyň sahypalary belgilenen, dikilen görnüşde bolup, onuň soňky sahypasynda kitabynyň näçe sahypadan ybaratdygy barada bellik edilip, Ygtyýarly edaranyň ýolbaşçysynyň goly we möhüri bilen tassyklanan bolmalydyr.

## III bap. Bir gezeklik rugsadyň hereketini togtatmagyň, dikeltmegiň we ýatyrmagyň tertibi

24. Şu aşakdakylar Bir gezeklik rugsadyň hereketiniň togtadylmagy üçin esas bolup durýar:

1) Türkmenistanyň gümrük çägine gadagan edilen ozon dargadyjy maddalaryň import edilendiginiň anyklanylmagy;

2) Türkmenistanyň gümrük çägine gadagan edilen ozon dargadyjy maddalaryň kesgitlenen we bölünip berilýän möçberiň çäklerinden has ýokary (Wena konwensiýasyna laýyklykda) Türkmenistana import edilendiginiň anyklanylmagy;

3) ozon dargadyjy maddalaryň bikanun ulanylandygynyň ýa-da Monreal teswirnamasy boýunça borçlary ýerine ýetirmek maksady bilen import edilen ýurtda gözegçilik boýunça geçirilýän çäreleriň ýaramaz täsiriň edilendiginiň ýa-da şol teswirnama boýunça çäklendirmeleriň sanynyň artmagynyň anyklanylmagy;

4) ozon dargadyjy maddalaryň eksporty ýa-da importy bilen bagly iş amala aşyrylan mahalynda ozon dargadyjy maddalary daşamagyň, saklamagyň we ulanmagyň kadalarynyň bozulmagy;

5) ozon dargadyjy maddalaryň eksporty ýa-da importy bilen bagly iş amala aşyrýan telekeçi ýuridik şahslar ýa-da hususy telekeçiler tarapyndan ozon gatlagynyň goralyşyna gözegçilik edýän edaralaryň teklipnamalarynyň ýerine ýetirmezligi.

25. Şu Tertibiň ýigrimi dördünji böleginde görkezilen esaslar ýüze çykarylan mahalynda, Ygtyýarly edara Bir gezeklik rugsadyň hereketini togtatmak barada çözgüt kabul edýär. Şonda Ygtyýarly edara Bir gezeklik rugsadyň hereketiniň togtadylmagyna getiren bozulmalary düzetmek üçin telekeçi ýuridik şahslara ýa-da hususy telekeçilere möhlet berýär. Görkezilen möhlet bir aýdan köp bolmaly däldir.

26. Bir gezeklik rugsadyň hereketiniň togtadylmagyna getiren bozulmalar düzedilenden soň, telekeçi ýuridik şahslar ýa-da hususy telekeçiler bir gezeklik rugsadyň hereketini dikeltmek hakyndaky arzany Ygtyýarly edara berýär.

Ygtyýarly edara Bir gezeklik rugsadyň hereketini dikeltmek hakyndaky arzany alandan soň 10 (on) iş gününiň dowamynda bir gezeklik rugsadyň hereketiniň togtadylmagyna getiren bozulmalaryň telekeçi ýuridik şahslar ýa-da

hususy telekeçiler tarapyndan düzedilişine barlag geçirýär we barlagyň netijeleriniň esasynda Bir gezeklik rugsadyň hereketini dikeltmek ýa-da dikeltmekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edýär we bu hakda telekeçi ýuridik şahsa ýa-da hususy telekeçä ýazmaça görnüşde habar berýär.

27. Eger telekeçi ýuridik şahslar ýa-da hususy telekeçiler Bir gezeklik rugsadyň hereketiniň togtadylmagyna getiren bozulmalary bellenen möhletde düzetmese, onda Ygtyýarly edara Bir gezeklik rugsadyň hereketini ýatyrmak hakynda çözgüt kabul edip biler.

28. Bir gezeklik rugsadyň hereketini togtatmak ýa-da ýatyrmak barada çözgüt kabul edilende çözgüdiň bir nusgasy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ozon dargadyjy maddalaryň eksporty we importy bilen baglanyşykly işi amala aşyrmaga ygtyýarnama bermäge ygtyýarly edilen edara we Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugyna iberilýär.

29. Türkmenistanyň gümrük çäginde ozon dargadyjy maddalary eksport ýa-da import etmäge berlen Bir gezeklik rugsadyň hereketi ýatyrylanda, olar eksport ýa-da import eden telekeçi ýuridik şahsyň ýa-da hususy telekeçiniň hasabyna yzyna gaýtarylýar.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

30. Şu Tertipde bellenen kadalaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

31. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

32. Şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna
ýa-da importyna bir gezeklik
rugsady almagyň tertibine
1-nji goşundy

## Ozon dargadyjy maddalary eksportyna ýa-da importyna

## BIR GEZEKLIK RUGSAT № _____

**20__-nji(y) ýylyň "___" _____________**

1. Arza beriji: ______________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
__________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, salgysy (ýerleşýän ýeri);

2. Ozon dargadyjy maddalary we ozon dargadyjy maddalary saklaýan önümleri öndüriji:___________________________________________________________
_________________________________________________________________
_________________________________________________________________
_________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, salgysy (ýerleşýän ýeri);

3. Ozon dargadyjy maddalary we ozon dargadyjy maddalary saklaýan önümleri alyjy:___________________________________________________________
_________________________________________________________________
_________________________________________________________________
_________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, salgysy (ýerleşýän ýeri);

4. Ozon dargadyjy maddalary we ozon dargadyjy maddalary saklaýan önümleri iberiji:___________________________________________________________
_________________________________________________________________
________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, salgysy (ýerleşýän ýeri);

5. Arza (giriş №____ 20__ -nji(y) ýylyň " ___ " ________) boýunça aşakdaky sanawa laýyklykda ozon dargadyjy maddalary we ozon dargadyjy maddalary saklaýan önümleri Türkmenistana eksport (import) rugsat berildi.

| T/b | Önümiň ady | Ozon dargadyjy madda | Daşary ykdysady işleriň haryt nomenklaturasynyň kody - DYI HN kody | Ölçeg birligi | Mukdary | Agramy, brutto, kg | Ozon dargadyjy maddanyň agramy, kg |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | JEMI | | |

6. Daşamagyň usuly ______________________________

7. 20–nji(y) ýylyň "_____"____________ № _____ Şertnama

**Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy şekillendirilen möhür bilen hakykydyr**

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi

8. Şu rugsatnama 20 -nji(y) ýylyň "_____" _________________ çenli hakykydyr.

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň ygtyýarly wezipeli adamy ______________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.___________________

Gümrük edarasynyň bellikleri: ______________________

(goly)

Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsady almagyň tertibine 2-nji goşundy

**Ozon dargadyjy maddalary eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsady almak üçin**

**ARZA**

1. Arza beriji: _____________________________________________________
_________________________________________________________________
_________________________________________________________________
__________

(fiziki şahs babatda – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy; ýuridik şahs babatda – doly ady, salgyt belgisi, döwlet tarapyndan bellige alyş belgisi, salgysy (ýerleşýän ýeri);

2. Arza berijiniň wekili:____________________________________________
_________________________________________________________________
____

_______________________________________________________________________

_______________________________________________________________________

____________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi, kim tarapyndan berlen), hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy; bu şahsyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy (ady, belgisi, senesi).

**Aşakdaky sanawa laýyklykda ozon dargadyjy maddalary we ozon dargadyjy maddalary saklaýan önümleri eksport (import) etmek üçin bir gezeklik rugsadyň berilmegini haýyş edýär:**

| T/b | Önümiň ady | Ozon dargadyjy madda | Daşary ykdysady işleriň haryt nomenklaturasynyň kody - DYI HN kody | Ölçeg birligi | Mukdary | Agramy, brutto, kg | Ozon dargadyjy maddanyň agramy, kg |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

JEMI

Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna
ýa-da importyna bir gezeklik
rugsady almagyň tertibine
3-nji goşundy

## Ozon dargadyjy maddalary eksportyna ýa-da importyna berlen bir gezeklik rugsatlary hasaba alyş Kitaby

| T/b | Bir gezeklik rugsadyň berlen senesi | Bir gezeklik rugsady alan şahsyň doly ady | Bir gezeklik rugsady alan şahsyň salgysy | Bir gezeklik rugsadyň belgisi | Bir gezeklik rugsady bermek üçin esas | Bir gezeklik rugsadyň hereket ediş möhleti | Bir gezeklik rugsady alan şahsyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna
ýa-da importyna bir gezeklik

rugsady almagyň tertibine
4-nji goşundy

**Ozon dargadyjy maddalaryň eksportyna ýa-da importyna bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgütleri hasaba alyş Kitaby**

| T/b | Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň berlen senesi | Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň doly ady | Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň salgysy | Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň belgisi | Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdiň esasy | Bir gezeklik rugsady bermekden ýüz döndermek baradaky çözgüdi alan şahsyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2024-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda 1761 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.